***Düýn – 9-njy dekabrda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahatyň çäklerinde türkmen milli tagamlarynyň sergisi guraldy.***



Meýdançada gurnalan ak öýleriň hatary meýdança aýratyn görk berdi. Onuň öňünde gurlan tamdyrlarda mele-myssyk çörekler bişirilip, ojaklarda toý tagamlary gaýnady.

Все права защищены



Gyz-gelinler supra ýaýyp, pişme, çelpek taýýarladylar. Bu täsin görnüşler, şeýle-de sergilenen dürli süýji tagamlar daşary ýurtly zenanlara milli aşhanamyzyň baý görnüşi bilen tanyşmaklaryna mümkinçilik döretdi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены